**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow**
*Ogul gyzlarymyzda çagalykdan başlap sport endiklerini kemala getirmek olaryň uzak we sagdyn durmuşda ýaşamagynyň girewidir. Beden we ruhy taýdan sagdyn nesiller üçin bolsa ýetip bolmajak sepgit, amala aşyryp bolmajak wezipe ýokdur!*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sagdyn bedenli we ruhubelent ýaşlaryň kemala gelmeginde sporta örän uly üns berilýär. Ýaşlaryň sagdyn durmuş ýörelgelerine eýe bolmagy – ýurt abadançylygynyň nyşanydyr. Adamyň köp hereketde boldugyça onuň bedenindäki gan aýlanşynyň kadalaşýandygy, taplanýandygy ylmy hem amaly taýdan subut edilendir. Sport, ilkinji nobatda, beden saglygyny berkitmek bilen, ruhy sagdynlygyň hem esasyny goýujydyr, sebäbi beden taýdan sagdynlyk ruhy sagdynlygyň esasydyr.

Häzirki döwürde sportyň we bedenterbiýäniň jemgyýetdäki ähmiýetiniň ýokarlanmagy sport bilen meşgullanýanlaryň sanynyň barha artmagyna getirýär. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýe – sport hereketini we ýokary netijeli sporty ösdürmäge uly üns berýär. Hormatly Prezidentimiziň “Sport – munuň özi güýjüň, gözelligiň, saglygyň we belent ruhuň utgaşmagydyr” diýen ajaýyp sözleri adamlaryň sport bilen meşgullanmagyna itergi berýän jadylaýjy güýçdir.

**Baýram KULMURATOW**
**Türkmen oba hojalyk instituty**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024